# Eliñizden geleni aýamaň, Eziz Nesin hakly çykar!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Eliñizden geleni aýamaň, Eziz Nesin hakly çykar! ELIÑIZDEN GELENI AÝAMAŇ, EZIZ NESIN HAKLY ÇYKAR!




Eziz Nesin «Şeýle gelen şeýdip gitmez» (“Böyle Gelmiş Böyle Gitmez”) atly kitabynda öz çagalygyny-da gürrüň berýär.
500 sahypalyk kitapda aslynda Türkiýäniň nirelerden gelip nirelere gidýändigi ýazylypdyr. Kakasy oňa Mehmet Nusret adyny goýupdyr. Eziz Nesin onuň edebi tahallusydyr. Ýokluk, ýoksullyk içinde ulaldy. Kakasy meýletin ýagdaýda Azat-edijilik urşuna gatnaşan dindar, tarykat agzasy we patyşaha köňül beren adam bolupdyr. Ol Mustapa Kemalyň öwrülişiklerine garşy çykypdyr.
Ogluny diýseň gowy görüpdir.
Molla, sarykly hapyz, derwüş bolmagyny isläpdir.
Eziz Nesin ýedi ýaşynda gadam basanda nagyşbendi, rifaýy, kadiri tarykatlarynyň tekgelerinde dini öwrendi. Galip agasyndan arap dilini, geometriýany, arifmetikany, tejwit dersini özleşdirdi. Kurany-Kerimi hatym etdi. Bir yslam alymy dek dini ýeterlik bilýän biri bolup ýetişdi.
* * *

Satiranyň ussadydy.
Satuwy 10 million ekzemplýara golaýlan 121 kitap ýazdy. Eserleri dünýäniň birnäçe diline terjime edildi. Jemgyýeti «Allanyň adyna duwlanyp aldaýan» syýasat liniýasynyň häkimiýeti ele geçiren adamlary bilen häkimiýetlerden beleň

alyp täzeden gylawlanan tarykat liderleri Eziz Nesine jynlary atlanýardy. Oňa «dinsiz» diýip hüjüm etdiler. Siwasda «Respublika şu ýerde guruldy, şy ýerde ýykylar. Ine, dowzahyň ody — ýok bolsun dünýewilik!» diýip hüjüm etdiler. Eziz Nesin diriligine ýakylmak islendi.
Garşysyna 300 gezek iş gozgaldy.
Bäş ýyl bäş aý türmede ýatdy.
Eziz Nesin dinsizdi, ýöne hiç haçanam dine garşy giden adam däldi: «Men hiç wagtam dine garşy bolmadym. Ne yslamyýete, ne başga dine… Garşy bolmagy dogry hasaplamok… Meniň öz ynanjym bar, emma men munuň propogandasyny edemok… Hiç kime dinsiz bolmagyny ündämok…» diýýärdi. Eziz Nesin yňdarma (fanatik) düşünjä garşydy.
Ýigrimi ýyl öňdi. Heniz aýatda diridi.
Serediň şeýle diýipdi:
*«Häzir döwlet edaralarynyň hemmesinde diýen ýaly, hukuk goraýjy edaralarda, häkimliklerde Ymam Hatyplardan ýetişen uçurymlaryň sany artýar. Bärde düýp maksat köpçülikleýin gabaw we häkimiýeti tutuşlygyna ele geçirmekdir. Eger şu ýol bilen ele geçirip bilmeseler, soňky gezekde goşun arkaly ofiserleri ulanyp režim üýtgeşmesine gidiler.»*
Eziz Nesin hakly çykdy.

* * *

Bulary şunuň üçin ýazýaryn: Nesin fondunyň häsirki ýolbaşçysy Ali Nesin häkimligiň fonduň sçýotlaryny bloklandygyny mälim etdi.
Ali Nesin şeýle diýdi:
*“Söýgüli dostlar!*
*Häkimlik bank sçýotlarymyzy bloklady. Bu fondda aýlyga işleýänler bar, okaýanlar bar, iýip-içýän çagalar bar diýmän, rehimsizlik bilen…*
*Gaçyp gitjek ýerimizem ýok, döwlet islän wagty bolmanam islänini alaram, ederem…*
*2017-nji ýylda siziňem gatanjyňyz bilen goňşy mülki satyn alyp, Nesin fonduny ulaldypdyk. Kakamyň arzuwydy, durmuşa*

*geçirdik. Geçen ýyl ysmaýylaga jemagatyndan bolan «Rabita» fondy täze alan ýerimiziñ ýanyna göçüp geldik. Şeýdip goñşy bolduk. Maña eksantrik we hatda göze ýakymly görnen bu jemagatyñ guk ýanymyza ýerleşmeginden hiçem biynjalyk bolmandym. Çünki Türkiýe köp dürli ynançlaryñ, dürli garaýyşlaryñ, dürli ýaşaýyş formalarynyñ bir ýerde agzybirlik içre ýaşap biljek ýurdy bolmaly, tersine bolanda hiç birimize rahatlyk ýok. 1995-nji ýylyñ iýulynda ýurda dolananymda şu pikirdedim, häzirem şu pikirimde. Emma bolup geçýän zatlar hiç umyt edişim ýaly bolmady. Guk ýanymyzda jemlenip, gaty ses bilen üýşmeleñleri geçirdiler. Seredişlerinden we hereketlerinden biziñ biynjalyk bolmagymyza garaşýandyklaryny bilip bolýardy. Fotosuratlary alyp, şahsy durmuşymyza goşuldylar. Haýbat atdylar. Çataljada garşymyza gep-gybatlar ýaýratdylar. Hiç bir sebäpsiz duşmançlykly pozisiýa girdiler. Bikanun ýagdaýda metjit gurluşygyna başladylar. Aralaryndan biri bize güýç ulanyp topuldy. Gižželemelere özümizi aldyrmadyk.*

*Gynansak-da, şikaýatnamalarymyzyñ hemmesi resmi organlardan yzyna gaýtdy.*

*Soñrasy hasam wehim.*

*Bir aý mundan öñ häkimlik rugsatsyz haýyr-sahawat kampaniýasyny ýöredýärsiñiz diýip, bankdaky hasaplarymyzy bloklady. Häzir pullarymyzy alyp bilemzok. Hem ýerimizi, hem şumada çenli toplan pulumy aljak bolýar. «Rugsatsyz haýyr-sahawat kampaniýasy» diýip bahanalaýanlary-da Facebook bildirişinden ybarat. Soñky sözüm: Nesinler maşgalasy bu ýurduñ duşmany däl, gaýtam tersine: Birinji jahan urşuna, yzyndan meýletinçi bolup Azat-edijilik urşuna gatnaşan atamy-da hasaba alsak, üç arka bäri bu halka hyzmat edip gelýäris, rugsat berilse ýene-de ederis.*

*Besdir indi!»*

* * *

Eliñizden geleni aýamañ!

Eziz Nesin hakly çykar.

Şeýle gelen, şeýdip gitmez.
Halk gürzüsini taýýarlady. Sandyga gömülip galarsyňyz.

Nejati DOGRU.

«SÖZCÜ» gazeti, 13.05.2022 ý. Publisistika